Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2025-nji ýylyň 7-nji oktýabryndaky
№ 66–Ö buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 1-çe "Mekdebe çenli çagalar edarasynyň hasabaty"(ýyllyk)
döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

№ 1-çe formanyň hasabaty hemişelik mekdebe çenli çagalar edarasy (çagalar bagy, bakja-bag we bakja) düzýär, hasabat ýylynyň ahyryna işleýän, şol sanly hasabat ýylynda düýpli abatlaýyşda bolan hemişelik mekdebe çenli edara düzýär. Möwsümleýin mekdebe çenli edara № 1-çe formanyň hasabatyny düzmeýär.

## II. HASABATY DÜZMEGIŇ TERTIBI

Hasabatyň ähli görkezijileri mekdebe çenli edaranyň ilkinji hasabat resminamalaryndaky buýruklar we görkezmeler kitabyndaky maglumatlar, çagalara ýollanma haty, işgärleriň şahsy maglumatlary, çaganyň medisina kartasy (f. Ks 026/ y), ýokanç keselleri bellenýän žurnal (g. № 026/ y), çagalaryň gatnaşygyna hasaba alýan depderçe (f. № 305), tehniki pasport we ş.m. boýunça doldurylýar. № 1-çe formanyň hasabaty doldurylanda aşakdakyny göz öňünde tutmak zerur:

Mekdebe çenli ýaşly çagalar edara özüniň degişli bolan kärhanasynyň (guramasynyň) doly adyny görkezip, hasabatyň salgy bölegini aýdyň we jikme-jik doldurmaly, şeýle hem bu kärhananyň (guramanyň) garaşly bolan ministrliginiň (edaranyň), konserniň, assosiýasiýanyň adyny görkezmeli; mundan başgada mekdebe çenli çagalar edaranyň adyny, onuň iş düzgünini görkezmeli. Eger mekdebe çenli çagalar edara hasabat düzülýän wagtda düýpli abatlamada bolsa, onda hasabatyň "Güwänama" böleginde «hawa» ýazylýar.

## 1 BÖLÜM.
## ÇAGALARYŇ SANY

110-njy "Ýylyň ahyryna çagalaryň sany» diýlen setirde mekdebe çenli ýaşly çagalar edara çagalaryň şol gün gelenligine ýa-da gelmedikligine bagly bolmazdan, hasabat ýylyň ahyryna (dekabryň 31-ne) mekdebe çenli çagalar edaranyň sanawlardaky çagalaryň sany baradaky maglumatlar getirilýär. Daýhan birleşigindäki gyşyň 1-2 aýynda arakesme edip işleýän hemişelik mekdebe çenli edara arakesmä çykmazynyň öň ýanyndaky aýyň sanawy boýunça çagalaryň sany baradaky maglumatlary görkezýär.

Ýylyň dowamynda çagalar bakjasy bilen çagalar bagy birleşdirilip, iki edaranyň esasynda garyşyk mekdebe çenli çagalar edara döredilen bolsa, onda hasabatyň «bakja–bag» diýen ýerinde öňki çagalar bakjasynyň we öňki çagalar bagynyň jemlenen maglumatlary ýazylýar.

110-njy setiriň 2-3-4-nji sütünlerinde çagalaryň umumy sanyndan 1-nji sütünden ýaş toparlary boýunça bölünşigi görkezilýär.

120-nji setiriň maglumatlary, adatça, 110-njy setiriň maglumatlaryndan az bolmaly.

130-njy setirde 110-njy setiriň 1-nji sütünden mekdebe taýýarlaýyş toparlaryndaky çagalaryň sany görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## HASABAT ÝYLYNYŇ AHYRYNDA BAR BOLAN TOPARLAR WE ORUNLAR

«Hasabat ýylyň ahyrynda bar bolan toparlar we orunlar» 2-nji bölümde ähli ýaşdaky çagalar üçin toparlaryň we orunlaryň sany baradaky maglumatlar we aýratyn 3 we uly ýaşly çagalar üçin degişli maglumatlar görkezilýär.

210-njy setirde ähli toparlaryň we orunlaryň sany baradaky maglumatlar getirilýär, muňa şypahana görnüşli we ýörite toparlar hem girýär, ýöne bulara degişli maglumatlar 220-nji we 230-njy setirler boýunça aýratyn bölünip görkezilýär; umumy görnüşli edaradaky sagaldyş toparlary baradaky maglumatlar 220, 230-njy setirlerde görkezilmeýär.

Edara gurluşyk kadalaryna (EDK 41-86) laýyklykda bir görnüşli taslama boýunça gurlan

jaýda ýerleşen ýa-da ulanmaga ýaramly jaýda ýerleşen mekdebe çenli çagalar edaranyň orunlarynyň umumy sany 3 ýaşly çagalar üçin topara degişli otagyň meýdanyny 5,95 inedördül metre, 3 ýaşdan uly çagalar topary üçin otagyň meýdanyny 5,48 inedördül metre bölmek arkaly kesgitlenýär (toparlar üçin otaglaryň meýdany 620-nji setirde görkezilýär.

210-njy setiriň 4-nji we 6-njy sütünleri doldurylan halatda 1-nji bölümiň 110-njy setiriniň 2-3-4-nji sütüni-de doldurylmaly.

240-njy setirdäki çagalaryň we orunlaryň umumy sany baradaky maglumatlardan (1-nji bölümiň 110-njy setiriniň 1,3,4-nji sütünleri, 2-nji bölümiň 210-njy setiriniň 5-nji, 6-njy sütünleri) gije-gündiz işleýän toparlar bölünip görkezilýär, muňa gije-gündiz işleýän şypahana görnüşli we ýörite toparlar hem goşulýar. 240-njy setiriň maglumatlary, kada boýunça, 1-nji bölümiň 110-njy setirindäki we 2-nji bölümiň 210-njy setirindäki maglumatlardan az bolmaly.

Şypahana görnüşli mekdebe çenli edaralaryň we mekdebe çenli ýörite edaralaryň çagalaryň sany baradaky maglumatlar (2-nji bölümiň 220-nji setiriniň 1-nji sütüni we 2-nji bölümiň 230-njy setiriniň 1-nji sütüni) 1-nji bölümiň 110-njy setiriniň 1-nji sütünindäki maglumatlara deň bolmaly, şu zeýilli toparlary bolan umumy görnüşli mekdebe çenli çagalar edarasyndakydan ep-esli az bolmaly.

2-nji bölümiň 220-nji setiriniň 1-nji sütünindäki maglumatlar 1-nji bölümiň 110-njy setiriniň 1-nji sütünindäki maglumatlara deň bolan resmi kagyzyň salgy böleginde «şypahana» diýip, 2-nji bölümiň 230-njy setiriniň 1-nji sütünindäki maglumatlar 1-nji bölümiň 110-njy setiriniň 1-nji sütünindäki maglumatlara deň bolan resmi kagyzyň salgy böleginde «ýörite» diýip görkezmeli.

230-njy setir doldurylandan soň 2-nji bölümiň belliginde ýörite toparlaryň ugruny (profilini) (tegelege almak arkaly) görkezýärler.

Mekdebe çenli çagalar edaralaryň hereket edýän sanawyna laýyklykda anomal (nädogry ösýän-kemli) çagalar üçin ähli toparlary aşakdaky ýaly ýerleşdirýärler:

- eşidişi bozulan (ýaramaz) çagalaryň (kod 1) toparyna çala eşidýän çagalaryň, soň ker bolanlaryň we ker çagalaryň toparlary degişli edilýär;
- dil taýdan kemli, eşidişi gowy çagalaryň toparyna (kod 2) eşidişi kadaly, ilkinji akyl ýetirişi, dili (sözleýşi) juda bozulan çagalar, dodagynyň we kentlewüginiň doga şikesi operasiýa edilenden son dili bozulan çagalar, sakawlykdan ejir çekýän çagalar geplände käbir sesleri dogry aýdyp bilmezlikden ejir çekýän çagalar üçin toparlar degişli edilýär;
- görüşi ýaramaz çagalaryň toparyna (kod 3) çala görýän çagalar, çaşy we ambliopiýaly çagalar, çylşyrymly şikesleri bolan (akyl ýetirişi gowşak ýa-da direg-hereket synasynda azyrak kemçiligi bolan) çagalar üçin toparlar degişli edilýär;
- aňy gowşak, akyl taýdan galak çagalar toparyna (kod 4) debil derejede oligofreniýa keseli (çylşyrymly däl görnüşleri) anyklanan çagalar topary degişli edilýär;
- hereket-daýanç synasy kemliler çagalaryň (kod 5) toparyna direg-hereket synasyna zeper ýeten (ýaralaryň, poliomiýelitiň, beýni ysmazlygynyň ýeňil görnüşiniň, doga we son dörän el-aýak şikesleriň, ýokanç poliartritiň, skoliozyň netijesinde), akyl-paýhasy düzüw çagalar ýa-da psihiki we dil ösüşinde gaýtadan bökdenç tapan çagalar üçin toparlar degişli edilýär.

Mekdebe çenli çagalar edarada ugry hereket edýän sanawda görkezilmedik ugur boýunça topar döredilse, onda şeýle toparyň ugruny jikme-jik görkezmeli (2-nji bölümiň belliginde) we "6" kody tegelejigiň içine almaly (başga ugruňky diýmek).

## 3 BÖLÜM.
## HASABAT ÝYLYNDA MEKDEBE ÇENLI ÇAGALAR EDARALARA ÇAGALARYŇ GATNAŞYGY

«Hasabat ýylynda mekdebe çenli çagalar edaralarda çagalaryň gatnaşygy» 3-nji bölümde gatnaşylan we goýberilen günleriň sany hasabat ýylynyň her güni üçin ýöredilýän mekdebe çenli edaradaky gatnaşylan we goýberilen günleriň hasaby ýöredilýän depderden gatnaşylan we goýberilen günleri goşmak arkaly kesgitlenilýär (adam-gün hasabynda).

Gatnaşylan günleriň sany hasaplananda mekdebe çenli çagalar edaranyň bölekleýin işlän (doly iş güni bolmadyk) günleri-de hasaba alynýar. Çaganyň mekdebe çenli çagalar edarada bolan gününiň dowamlylygyna bagly bolmazdan, gije-gündiziň dowamynda gelen bolsa, şol günüň bir güne ýöreýändigini göz öňünde tutmaly.

Goýberilen günleriň sany hem edil şunuň ýaly edilip doldurylýar. 330-njy we 340-njy setirleriň maglumatlarynyň jemi 320-nji setiriň maglumatlaryna deň bolmaly.

Mekdebe çenli çagalar edaranyň hasabat ýylynda işlän günlerini (350-nji setir)

kesgitlemek üçin edaranyň çagalary kabul eden ähli günleriniň maglumatlaryny ulanýarlar. Dynç alyş, baýramçylyk, tomus döwründe işlenmedik (eger mekdebe çenli çagalar edara şu döwürde ýapylýan bolsa), düýpli abatlama, dürli heläkçilikler we gaýry tehniki sebäplere görä işlenmedik günler is gününiň sanyna goşulmaýar. Eger mekdebe çenli çagalar edara işe ýanwaryň 1-ine başlaman, biraz soňrak başlan bolsa, onda edaranyň iş günleriniň sany onuň çagalary kabul eden ilkinji gününden hasaplanýar.

3-nji bölümiň 310-340-njy setirleriniň 2-nji sütüni doldurylan ýagdaýda 1-nji bölümiň 110-njy setiriniň 3,4-nji sütüni doldurylmaly, ýöne muňa düýpli abatlamada bolan mekdebe çenli edaranyň hasabaty girmeýär (şu zeýilli edaranyň hasabatynda 110-njy setir doldurylmaýar).

## 4 BÖLÜM.
## HASABAT ÝYLYNDA ÇAGALARDA KESELLILIK HADYSALARYŇ SANY

«Hasabat ýylynda çagalarda kesellilik hadysalaryň sany» 4-nji bölümde çagalaryň mekdebe çenli çagalar edara 1 we ondan-da köp gün gelmezligine sebäp bolan ähli näsaglama, ýaralanma we zäherlenme hallary görkezilýär.

Islendik keselden, karantinden, dowamly (5 we ondan hem köp gün) bolmazlykdan soň çagalary mekdebe çenli çagalar edara gaýdyp gelende saglyk öýüniň çagalar lukmanynyň ýa-da hassahana lukmanynyň güwänama şu (№ 095) boýunça kabul etmäge rugsat berilýär.

Çagalaryň näsaglygy baradaky güwänamalary bakjalarda, bakja-baglarda uly şepagat uýasy, çagalar bagynda bolsa şepagat uýasy tertipleşdirip goýmagy amala aşyrýar. Tertipleşdirmegi her aýda geçirmeli, ýyllyk hasabat düzülende bolsa aýlyk maglumatlary, olary jemleşdirmek arkaly, alynmaly. Tertibe salmaklyk amatly bolmagy üçin güwänamalarda näsaglyklaryň 4-nji bölümde görkezilen sanawyna laýyklykda şifrler (şertli belgiler) goýmaly.

1-nji sütünde hasabat ýyly boýunça çagalaryň ýaşyna bagly bolmazdan näsaglyklaryň bellenen hallarynyň umumy sanyny, 2-nji sütünde bolsa 3 we uly ýaşly çagalaryň (çagalaryň näsaglan pursatyndaky ýaşy hasaba alynýar) näsaglan hallarynyň sany görkezilýär.

Bölümde çap edilen keselleri çyzmak we olaryň ornuna başga keselleri ýazmak bolmaýar.

416-njy setire wirusly pnewmoniýa, pnewmokokka, şeýle hem buýanky pnewmoniýalar, başga görkezijileri bolmadyk bronhopnewmoniýa we başga ýiti pnewmoniýalar bilen kesellenen hallar girizilýär; könelişen interstisial pnewmoniýa, ýiti ýokanç kesellerden (grip, gyzamyk, gökbogma we başga) soň dörän pnewmoniýalar kesellän ýagdaýlary baradaky maglumatlar bu setire ýazylmaýar.

4-nji bölümiň 410-njy setiriniň 2-nji sütüni doldyrylan halda 1-nji bölümiň 110-njy setiriniň 3,4-nji sütüni doldurylýar.

Çagalaryň ortaça ýyllyk sany (420-nji setir) fewralyň 1-den başlap, her aýyň birine sanawda bolanlaryň sanyny goşmak we alnan jemi işlenilen aýlaryň sanyna bölmek arkaly kesgitlenýär, edil şu usulda 3 we ýokary ýaşly çagalaryň sany kesgitlenýär.

## 5 BÖLÜM.
## HASABAT ÝYLYNYŇ AHYRYNA PEDAGOGIKI IŞGÄRLERIŇ BILIM DEREJELERI

«Hasabat ýylynyň ahyryna pedagogiki işgärleriň bilim derejeleri» diýlen 5-nji bölümiň 501 - nji setirinde mekdebe çenli çagalar edarada wezipe sanawy boýunça wezipeleriň sany we hakykatda eýelenen wezipeler barada maglumatlar getirilýär. Wezipe baradaky maglumatlar (1 we 2-nji sütünler) bütin sanlarda-da, drob sanlarda-da aňladylyp bilner. Meselem, eger mekdebe çenli çagalar edarada wezipe sanawy boýunça iki sany şepagat uýasy bar bolup, hakykatda bir şepagat uýasy 1,5 iş hakyna işleýän bolsa, onda 511-njy setiriň 1-nji sütüninde 2 görkezilýär, 2-nji sütünde bolsa 1,5 ýazýarlar. Eger bir aýal çagasyna seretmek üçin rugsatda bolsa, oňa derek bir aýal işleýän bolsa, onda degişli ýerde 2 däl-de 1 wezipe ýazylýar.

510-njy setirde 501-nji setirden mugallymçylyk bilimi bolan mugallymlar görkezilýär. Pedagogiki bilim ýokary pedagogiki bilimi (pedagogiki hünäri boýunça ýokary bilim diplomy) we orta ýöriteleşdirilen pedagogiki bilim (mugallymçylyk hühär boýunça orta hünär biliminiň diplomy) bolan mugallymlara berilýär, şeýle hem degişli şahadatnama ýa-da diplom bermek bilen pedagogiki bilime deň diýip ykrar edilen gaýtadan taýýarlyk ýa-da ýokary okuw kurslaryny tamamlanlar.

511-nji setirde şepagat uýasy, uly şepagat uýasy, patronaž (öý) uýasy, feldşer barada maglumatlar getirilýär.

512-nji setirde 3 we ýokary ýaşly çagalar toparynda enekä derek girizilen terbiýeçiniň

kömekçisi diýlen wezipe görkezilýär.

502, 503, 511-514-nji setirleriň maglumatlarynyň jemi 501-nji setiriň maglumatlaryna deň bolmaly.

## 6 BÖLÜM.
## MEKDEBE ÇENLI ÇAGALAR EDARANYŇ JAÝLARYNYŇ MEÝDANY

«Mekdebe çenli çagalar edaranyň jaýlarynyň meýdany» 6-njy bölümde diýlen 610-njy setirde meýdany bitin inedördül metrlerde görkezýärler. Umumy meýdana çagalary ýerleşdirmek üçin eýelenen we boş otaglaryň, müdiriň we lukmanyň kabinetleriniň, kömekçi jaýlaryň, aşhananyň, koridorlaryň, eşik çykarylýan ýerleriň, el ýuwulýan ýerleriň, westibýulleriň meýdanlary girýär. Umumy meýdan hasaplanylýan podwallaryň we ýarympodwallaryň mekdebe çenli edaranyň mätäçlikleri üçin ulanylýan böleklerini hem hasaba almaly.

Umumy meýdana ýerkümeleriň we ýarym ýerkümeleriniň boş duran böleginiň meýdany, ammarlaryň tutýan meýdany, şeýle hem merdiwan (bir gatdan beýleki gata münip-düşmek üçin) desgalaryň basgançaklarynyň meýdany, sanuzelleriň we howludaky jaýlaryň (kümeleriň, garažlaryň we ş.m.) meýdanlary girmeýär.

Ähli jaýlaryň umumy meýdanyndan 620-nji setirde toparlaýyn öýjükleriň, muňa kabulhana, oýun, ýatylýan, hajathana we aşhana otaglary girýän meýdany görkezilýär. 620-nji setirdäki maglumatlar 610-njy setirde ýazylan maglumatlardan örän az bolmaly.

630-njy setirde izolýator jaýynyň orunlarynyň sany baradaky maglumatlar berilýär. Izolýator jaýy diýip näsaglan çagalary mekdebe çenli edaradan hassahana ýa-da öýlerine äkidilýänçä saklamak üçin aýratyn jaýa (otaga) düşünilýär.

Meýdan baradaky maglumatlary doldurmak üçin mekdebe çenli edaranyň tehniki pasportyny ulanmaly.

## 7 BÖLÜM.
## TOPARLARDA IŞDE PEÝDALANÝAN DILIŇ GÖRNÜŞI

7-nji bölümde toparlarda işde peýdalanýan diliň görnüşi we çagalaryň sany görkezilýär.

730-njy setirde toparlarda şleriň geçirilşiniň dilini görkezmeli.

## 8 BÖLÜM.
## DILLERIŇ ÖWRENILIŞI

8-nji bölümde çagalara öwredilýän diliň görnüşi we şol dili öwrenýän toparlardaky çagalaryň sany görkezilýär. 830-njy setirde öwredilýän dili görkezilmeli.

**Durmuş statistikasy müdirligi**